Häzirki zaman dünýäsinde durnukly ösüşe ýetmek we dünýä ýurtlarynyň arasynda parahatçylygy berkarar etmek esasy meseleleriň biri bolup durýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň geçirilmegi bu maksada ýetmekde ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlygyň ähmiýetini has hem güýçlendirýär. Sebitara ykdysady hyzmatdaşlyk durnukly ösüşiň üpjün edilmeginde, ýurtlaryň arasynda dostluk we ynanyşmak gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda möhüm orun eýeleýär.

Ykdysady hyzmatdaşlyk ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň täze derejä çykmagyna ýardam edýär. Ýurtlaryň arasynda serhetüsti taslamalaryň durmuşa geçirilmegi söwda-ykdysady gatnaşyklary güýçlendirip, ykdysady ösüşi çaltlandyrýar. Mysal üçin, ulag infrastrukturasynyň ösdürilmegi we täze logistika merkezleriniň döredilmegi sebit ýurtlarynyň arasynda haryt dolanyşygyny artdyrýar, bu bolsa olaryň ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrýar. Şeýle hyzmatdaşlyk diňe bir ykdysadyýetiň ösüşine däl-de, şeýle hem dürli medeniýetleriň we halklaryň özara düşünişmegini berkitmäge hyzmat edýär.

Energiýa ulgamynda sebitara hyzmatdaşlyk hem durnukly ösüş üçin zerur şert bolup durýar. Energetika serişdeleri bilen baý bolan ýurtlaryň bu serişdeleri netijeli paýlamakda we ulanmakda beýleki ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk etmegi ýurtlaryň arasynda energetika howpsuzlygynyň üpjün edilmegine getirýär. Şeýle hyzmatdaşlyk tebigy baýlyklaryň has tygşytly ulanylmagyna we ekologiki deňagramlylygyň saklanylmagyna ýardam edýär. Bu bolsa diňe bir ykdysady däl, eýsem, sosial we ekologiki taýdan durnukly ösüşi üpjün edýär.

Azyk howpsuzlygy hem sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň möhüm ugry bolup durýar. Ýurtlaryň özara tejribe alyşmagy, oba hojalyk tehnologiýalaryny ösdürmekde bilelikdäki taslamalary amala aşyrmagy azyk üpjünçiligi bilen bagly töwekgelçilikleri azaltmaga kömek edýär. Şeýle hyzmatdaşlygyň netijesinde, oba hojalygynyň netijeliligi ýokarlanýar, ýerli önümçilik güýçlenýär we sebit ilatynyň durmuş derejesi gowulanýar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň esasy maksady ýurtlaryň arasynda düşünişmek we ynanyşmak gatnaşyklaryny pugtalandyrmakdyr. Bu maksat durnukly ösüşe ýetmegiň esasy usullarynyň biri bolan ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek arkaly amala aşyrylýar. Ykdysady taýdan özara baglanyşykly ýurtlar arasynda parahatçylykly gatnaşyklaryň saklanylmagy we konfliktleriň öňüniň alynmagy has aňsat bolýar. Şonuň üçin sebitara hyzmatdaşlyk diňe bir ykdysady ähmiýetli däl, eýsem, syýasy we howpsuzlyk taýdan hem möhüm orun eýeleýär.

**Gülbahar ÝUSUPGELDIÝEWA**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026